# Betpäl

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Betpäl BETPÄL

Kim ol? Atañ ýaly ak saçlymy ýa?
Parhy nä?! Garşyñda dur gara aždar,
Il ýüze ol saña bakar ýylgyryp,
Çem tapsa awuly dilini sanjar.

Ýöne niçiksi bir pursata çenli
Ajaýyp nikaply ýañky perişde –
Hut şol atam ýaly diýip sylanyñ,
Elinde töhmetden dörän serişde.

Ne gözel galplykdan ýasalan okýaý –
Ata.
Harap etmek islär düz gúnüñ.
Gyltyz geçsin!
Olar ýala azmy nä –
Iñ bolmanda az-kem galsa gyzgynyñ?

Ýöne, anyk, bir gün içi möjekliñ
Özi hem möjege öwrülip her hal –
Içimtap hüjümleñ deregne,
soñra
Goranşa geçmeli boljagyn derhal.

Ýeri, o tetelli nireden bilsin?
…Bir zady unutman gezmeli betpäl.
Gyzaryp dogan Gün ýaşýan wagty hem –
Ertiri ýatladyp, ot bolup batýar!

Ahmet MÄMMEDOW. Goşgular